Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# 4. AÇYK WE DYMYK ÇEKİMSİZLER

**15-nji gönükme.** Şygry labyzly okaň. Has gara ýazylan harplardan ilki açyk, soňra dymyk çekimsizleri depderiňize göçüriň.

AYNAJYK

Ertir turup Aýnajyk,
Geýdi tämizje köwşün.
Tozan, palçyk ýok onda,
Ýaldyrap atýar öwsün.

Çyzganypjyk ýeňlerin,
Tämizledi dişini,
Sabyn buenjik ýuwnup,
Darady ol başyny.

Aýna bakyp, seretdi.
Elleri hem ýüzi ak.
Enaýyja gyz özi,
Geýminde-de kiri yok.

Baga baran wagtynda,
Seredipjik gördüler.
«Aýna ýaly Aýnajyk!»
Diýip baha herdiler.

/B. Kerbabaýew/.

1. Şygryň mazmunyny öz sözleriňiz bilen aýdyp beriň.

2. **Tämiz, enaýy** sözleriniň manysyny düşündiriň we sözlük depderiňize ýazyň.

**B,p,k,t,d,ç,g,j,** sesleriniň haýsylary dymyk, haýsylary açyk çekimslizler? Dymyk çekimsizleriň açyk çekimsizlere öwrüliş kadasyny ýatlaň.

**16-nji gönükme.** Sözleri okaň we göüriň. Olardaky çekimsizleriň haýsysynyň açyk, haýsysynyň dymykdygyny aýdyň.

| | |
|---|---|
| Söwut-söwüdi | Elek-elegi |
| börek-böregi | dolak-dolagy |
| jorap-joraby | agaç-agajy |
| kitap-kitaby | sagat-sagady |
| çekiç – cekiji | çoluk – çolugy |

**Elek, çoluk** sözleriniň manysyny duşündiriň we depderiňize ýazyň.

Turkmenkultur.com

**17-nji gönükme.** Teksti okaň we göçüriň. Köp nokatlaryň ýerine degişli çekimsizleri ýazyň.

## SÄHER

Daň at... y. Jahan ýa...tyldy. Howzuň töweregindä...i aga...larda, baglarda uklan guşlar hem oýandy. Olaryň hemmesi birden saýraşy... başla... ylar.

Er... iriň sal...yn howasy, guşlaryň sesi, açyk asman, otluk mey...an göwnüňi açýar.

(B.Seýtäkow, <<Ogul sowgady»).

Kop nokatlaryň ýerine ýazan çekimsizleriňiziň haýsysynyň açykdygyny, lıaýsysynyň dymykdygyny aýdyň.

* * * *

**18-nji gönükme.** Sözleri okaň we köp nokatlaryň ýerine degişli çekimsizleri ýazyp göçüriň.

| | |
|---|---|
| Towuk | Towu...yň |
| çaryk | çary... yň |
| jorap | jora...y |
| süýt | süý...i |
| taýak | taya...y |
| agaç | aga..„y |
| Çekiç | çeki…iň |
| söwüt | söwü…iň |
| kitap | kita...yn |
| ýumak | ýuma...yn |
| cörek | çöre…i |
| sebäp | sebä...i |
| çigit | çigi…i |
| çelek | çele…i. |

1. Çep tarapdaky sözleriň soňky çekimsizleri nähili çekimsizler?

2. Köp nokatlaryň ýerine ýazan çekimsizleriňiz nähili çekimsizler?

* * * *

Turkmenkultur.com

**19-nji gönükme.**Teksti okaň. Has gara ýazylan sözlerde haýsy dymyk sesiň açyk sese öwrülendigini aýdyň.

Biz ol döwürde obada ýaşaýardyk.Biziň günbatar tarapymyzdaky goňşymyz Hanjar agalardy. Onuň Nurbat atly agtygy bardy. Men Nurbat bilen bir klasda okaýardym. Hanjar aga bize erteki aýdyp bererdi. Edep-ekramlylyk barada gürrüň ederdi

Hanjar aganyň: «Balalarym, çörek mukaddes zatdyr. Oňa hormat goýyň. Eger ýolda-yzda çörek ýatan bolsa, ony galdyryp, üç gezek maňlaýyňyza degriň. Birinji gezek maňlaýyňyzy degreniňiz çörekden daş etmezligi, ikiıji gezek degreniňiz çöregi ýere gaçyranyň günäsiniň geçilmegini, üçünji gezek degreniňiz ýerde ýatan çöregi görüp, ony galdyrmaýk adamyň günäsiniň geçilmegini dileg etmegi aňladýandyr diýip,çöregi hormatlamak barada beren gürrüňi ýadymdan çykanok. Ýogsam ondan bäri çärýek asyra golaý wagt geçipdir.

Çagalar, siz hem çöregi hormatlaň, ony harlamaň Çörek gudratlydyr.

1. Bu tekste degişli sözbaşy tapyň.

Turkmenkultur.com